**TASSYKLAÝARYN**
**Berdimuhamet Annaýew adyndaky**
**Arkadag şäher mugallymçylyk orta**
**hünär okuw mekdebiniň direktory**
**______ Babaýewa A.**
**13 ýanwar 2025**

# Türkmenistanyň mugallymçylyk orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda "Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymaty" atly bäsleşigi guramak we geçirmek hakynda
# DÜZGÜNNAMA

## I Umumy düzgünler

1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň Mugallymçylyk orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda "Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymaty" atly bäsleşigi (mundan beýläk Bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

1.2. Bäsleşik Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebi tarapyndan guralýar.

1.3. Guramaçylyk, usulyýet we tehniki işleri utgaşdyrmak Guramaçylyk topary tarapyndan alnyp barylýar.

## II Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

2.1 Ajaýyp ynsan, mugallym we esger Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymatyny giňişleýin öwrenmek;

2.2 Berdimuhamet Annaýewiň ýaş nesli okatmak hem-de terbiýeläp ýetişdirmek barada beren maslahatlaryny häzirkizaman şertlerinde peýdalanmak arkaly bilim we terbiýe bermegiň usullaryny kämilleşdirmek;

2.3 Talyp ýaşlara-geljekki mugallymlara dersleri okatmagyň ähmiýetli usullaryny çuňňur öwretmek, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak we olary höweslendirmek;

2.4 Ýurdumyzyň ähli Mugallymçylyk orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň mugallymçylyk ukyplaryny artdyrmak üçin usuly kömek bermek.

## III Guramaçylyk topary

3.1 "Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymaty" atly bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebinde Guramaçylyk topary döredilýär. Toparyň düzümi mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanýar.

3.2 Guramaçylyk toparynyň düzümine toparyň ýolbaşçysy we agzalary degişli.

3.3 Toparyň wezipeleri:

- "Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymaty" atly bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini, tertibini kesgitlemek hem-de ony geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barmak;
- Ýumuşlary taýýarlamak;

- Berilmeli ballary kesgitlemegiň usulyýetini işläp taýýarlamak;
- Ähli şertler boýunça ýerine ýetirilen ýumuşlar seljerilenden soňra ýeňijileri kesgitläp, olary guramaçy topara hödürlemek;
- Bäsleşige gatnaşýan toparlaryň ýüztutmalaryna seretmek we arza-şikaýatlar boýunça düşündiriş işlerini geçirmek.

3.4 Bäsleşigiň geçiriliş tertibini, wagtyny, gatnaşyjylaryň we ýeňijileriň sanawyny kesgitleýär.

3.5 Ýurdumyzyň Mugallymçylyk orta hünär okuw mekdeplerinden bellenen jogapkär mugallymlar bilen bäsleşigi guramaçylykly geçirmek babatynda aragatnaşyk saklaýar.

## IV Bäsleşigiň şertleri

Bäsleşigiň birinji we jemleýji tapgyrlarynda talyplar aşakda görkezilen düzgünleri berjaý edýärler:

1) Gahryman Arkadagymyzyň “Älem içre at gezer” we “Döwlet guşy” romanlarynyň mazmuny boýunça beriljek 6 (alty) soraga jogap bermeli (her soraga pikirlenmek üçin 1 (bir) minut wagt berilýär);
2) Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň çagalara bilim we terbiýe bermek boýunça öňe süren mugallymçylyk taglymatlaryny 3 dilde aýtmak bilen edebi sazly kompozisiýa ýerine ýetirmeli (wagty 10 minutdan az bolmadyk, kompozisiýa esasy gatnaşyjydan daşary 10 talyba çenli gatnaşyp biler);
3) ajaýyp ynsan, mugallym we esger Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymatyny nazary taýdan öwrenip, prezentasiýa taýýarlamaly;
4) sapakda ulanmak üçin okuw-görkezme esbaplarynyň birini (suratlar, tablisa) taýýarlamaly (wagty 10 minut);
5) matematika dersinden sapak geçmek, onda Berdimuhamet Annaýewiň çagalara bilim we terbiýe bermekde ulanan mugallymçylyk usullaryndan peýdalanyp görkezmeli;
6) bäsleşigiň dowamynda matematika dersi boýunça geçirilen sapaklaryň birine gatnaşyp, sapaga seljerme berip, teswirnamasyny taýýarlamaly.

## V Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň tertibi

5.1. Bäsleşige Mugallymçylyk orta hünär okuw mekdepleriniň 2-nji ýylynda okaýan talyplar gatnaşdyrylýar.

5.2. Mugallymçylyk orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda yglan edilýän bu bäsleşik başlangyç synplary okatmagyň usullary boýunça nazary we amaly görnüşde geçirilýär.

5.3. Bäsleşik iki tapgyrda, mugallymçylyk mekdeplerinde we Berdimuhammet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebinde jemleýji tapgyry geçirilýär.

5.4. Degişli bilim edarasynyň buýrugy bilen bäsleşigi geçirmek üçin guramaçylyk topary döredilýär we eminler toparynyň düzümi tassyklanylýar.

5.5. Bäsleşigiň netijeleri guramaçylyk toparlary tarapyndan jemlenilýär hem-de degişli bilim edaralarynyň buýrugy bilen resmileşdirilýär.

5.6. Bäsleşik tamamlanandan soň, onuň netijesi 3 (üç) günüň dowamynda jemlenmelidir we jemleýji tapgyra gatnaşjak talyplaryň sanawy 10 (on) senenama günüň dowamynda jemleýji tapgyryň guramaçylyk toparyna iberilýär.

5.7. Bäsleşigiň jemleýji tapgyryna I orny eýelän talyplar gatnaşdyrylýar.

5.8. Bäsleşige gatnaşyjylar baradaky maglumatlary aşakda görkezilen nusga laýyklykda 2025-nji ýylyň mart aýynyň 27-sine çenli mekdebiň *bamohom@sanly.tm* elektron salgysyna ugradylmalydyr.

______________________________________________

(Mugallymçylyk mekdebiniň ady)

**“Berdimuhamet Annaýewiň mugallymçylyk taglymaty” atly bäsleşige gatnaşyjylar barada**

**MAGLUMAT**

| T/b | Ady we familiýasy | Hünäri we ýyly | Telefon belgisi | Halypa mugallymy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | |

5.9. Bäsleşik 2025-nji ýylyň 16-njy aprelinde Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň mejlisler zalynda geçilýär.

5.10. Bäsleşige gatnaşyjylary gaýtadan hasaba almak 2025-nji ýylyň 16-njy aprelinde sagat 13:00-da geçirilip, bäsleşik sagat 14:00-da başlanar.

**VI Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak**

6.1. Bäsleşikde talyplaryň ukyplary, başarnyklary, zehinleri nazara alnyp, I, II, III orunlar kesgitlenilýär.

6.2. Ýeňijiler we jogapkär mugallymlar Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň 1-nji, 2-nji, 3-nji derejeli diplomlary bilen sylaglanylýar.

6.3. Bäsleşigiň ýerli we jemleýji tapgyrlaryny geçirmek bilen baglanyşykly bolan ähli çykdajylar (gatnaşyjylaryň iýmit we ýol çykdajylary) degişli bilim edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Habarlaşmak üçin,
**Telefon belgi:**+99361254752
**Elektron poçta:** *bamohom@sanly.tm*